**Türkmenistanyň Statistika**
**baradaky döwlet komitetiniň**
**2023-nji ýylyň 21-nji noýabryndaky**
**№96-Ö buýrugy bilen tassyklanyldy**

**№1-kitaphana "Kitaphana işi barada hasabat" (ýyllyk)**
**döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**

# GOLLANMA

№1-kitaphana forma boýunça hasabat Türkmenistanyň Medeniýet ministrligi ulgamynyň köp taraplaýyn ylmy kitaphanalary tarapyndan we öz balansynda kitaphanalary (pudaklaýyn, ýöriteleşdirilen, ylmy, mekdep we okuw edaralary) bolan ähli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralaryň tabynlygyndaky kitaphanalar özüniň balansynda bar bolan kitaplar bilen düzülýär.

№1-kitaphana formanyň blankynyň salgy böleginde "Hasabat tabşyrýan hojalyk subýektiniň ady"setirde MKU doly adyny görkezmeli.

"Kitaphananyň ady we görnüşi (şahamça-kitaphana)" setirde kitaphananyň doly ady görkezilýär.

## 1 BÖLÜM.
## UMUMY MAGLUMATLAR

01 setiriň A sütüni kitaphana jaýynyň tehniki ýagdaýyny häsiýetlendirýän delilnamanyň (netijäniň) ýa-da bellenen tertipde düzülen beýleki resminamanyň esasynda doldurylýar.

01 setiriň 1 sütüninde kitaphananyň bir ýa-da birnäçe salgy boýunça ýerleşýändigine garamazdan, hususy hem-de kärendesine alnan binasynyň (esasy, gulluk we kömekçi) jemi tutýan meýdany görkezilýär. Kitaphananyň umumy meýdanynyň ölçegi barada maglumatlar tehniki pasportdaky maglumatlardan ýa-da jaýyň kärendesi üçin şertnamadan alynýar.

01 setiriň 2 sütüninde kitaphananyň okalga zalynda orunlaryň sany görkezilýär.

01 setiriň 3 sütüninde kitaphanalaryň sany görkezilýär.

## 2 BÖLÜM.
## OKYJYLARYŇ SANY

2-nji bölüm kitaphananyň gündelikleriniň degişli bölümleriniň, kitaphana nokatlarynyň formulýarlarynyň we gündelikleriniň hem-de hasabat ýylynda kitaphana baran okyjylaryň formulýarlarynyň ýyllyk jemleýji maglumatlarynyň esasynda doldurylýar.

01-nji setiriň 01-nji sütüninde kitaphananyň (şahamça-kitaphananyň) ähli düzüm bölümleri tarapyndan şeýle-de bibliobus duralgalaryny goşmak bilen, onuň guran kitaphana nokatlary tarapyndan hyzmat edilen, hasabat ýylynda gaýtadan bellige alnan we täzeden ýazylan okyjylaryň jemi sany görkezilýär.

## 3 BÖLÜM.
## KITAPHANA GAZNASYNYŇ HEREKETI

01 – 06-njy setirleriň 1-nji sütüni degişli setirler boýunça 2-5-nji sütünleriň jemine deň bolmaly. 2-5-nji sütünleriň jemi 6-8-nji sütünleriň jemine deň bolmaly.

01 we 02-nji setirlerde hasabat ýylynyň dowamynda ähli neşirler we materiallar hasaba alyş resminamasynda hasapda duran, №1-kitaphana formasy boýunça hasabatda maglumatlar goşulmaýan alyş-çalyş gaznasyny goşmazdan, tutuş kitaphana gaznasy hasaba alynýar. Okuw mekdeplerinde duran okuw kitaplary hasaba alynmaýar.

03-nji setirde kitaphana gaznasyndan çykarylan (kitaplar, broşýuralar, döwürleýin, nota, kartografiýa we izoneşirler, ylmy tehniki edebiýatyň we resminamalaryň ýörite görnüşleri kinofotofonoresminamalary we beýlekiler) hasaba alynýar.

04-nji setir kitaphana nokatlarynda we kitaphanalaryň arasynda abonement (KAA) boýunça bermegi goşmak bilen kitaphananyň gündelikleriniň degişli bölümleriniň jemleýji maglumatlarynyň esasynda doldurylýar.

Neşirler we materiallar kitaphananyň bir düzüm bölümçesinden beýlekisine geçirilende, şol sanda merkezleşdirilen kitaphana ulgamynda (MKU) ulgamyň içindäki abonement (alyş-çalyş) boýunça geçirilende, kitap berilişiniň hasaba alnyşy gönüden-göni okyja bermegi amala aşyrýan düzüm bölümçesi tarapyndan amala aşyrylýar.

Ulgamyň içindäki abonement, şeýle hem kitaphanalara abonoment tertibinde alnan neşirleriň we materiallaryň okyjylara berilişini kitaphanalar umumy esaslarda hasaba alýarlar we olary 05-nji setiriň 1-den 5-nji sütünlerine çenli sütünlerde görkezýärler.

01-den 06-njy çenli setirleriň 2-nji sütüninde diňe syýasy edebiýata degişli neşirler hasaba alnýar.

01-den 06-njy çenli setirleriň 3-nji sütüninde diňe çeper we dil bilimine degişli edebiýatlar degişli neşirler hasaba alnýar.

01-den 06-njy çenli setirleriň 4-nji sütüninde beýleki pudaklaýyn edebiýata degişli neşirler hasaba alnýar.

01-den 06-njy çenli setirleriň 5-nji sütüninde diňe çagalar üçin edebiýata degişli neşirler hasaba alnýar.

01-den 06-njy çenli setirleriň 6-njy sütüninde Türkmenistanyň döwlet dilindäki, 7-nji sütünde rus dilinde, 8-nji sütünde beýleki dillerde neşirler we materiallar hasaba alnýar.

## 4 BÖLÜM.
## KITAPHANA ARA ABONEMENTI

01-nji setir boýunça 1-nji sütünde KAA boýunça beýleki kitaphanalardan alnan nusgalaryň sany görkezýärler.

01-nji setir boýunça 2-nji sütünde KAA boýunça beýleki kitaphanalara berlen nusgalaryň sany görkezýärler.

## 5 BÖLÜM.
## KITAPHANA IŞGÄRLERI

01-nji setiriň 1-nji sütüninde doly ýa-da doly däl iş güni işleýändigine we wezipe sanawynda doly ýa-da doly däl zähmet haky göz öňünde tutulandygyna ýa-da tutulmandygyna garamazdan, hasabat ýylynyň ahyryna wezipe ornunda duran ähli kitaphana işgärleri hasaba alnýar. 2-nji sütüne - kitaphana ugrundan bilimi bolan hünärmenler goşulýar. 3-nji sütüne tehniki we hyzmat edýän işgärler (jaý süpürijiler, garawullar, hasapçy, kassirler we beýlekiler) goşulýar.

01-nji setiriň 4-nji sütüninde ýokary bilimi bar bolan ähli kitaphana işgärleri, 5-nji sütünde bolsa diňe kitaphana ugrundan ýokary bilimi bar bolan işgärler hasaba alnýar.

01-nji setiriň 6-njy sütüninde orta hünärment bilimi bar bolan işgärleriň sany, 7-nji sütünde – kitaphana ugrundan bilimi, 8-nji sütünde – umumy orta bilimi bolan işgärleriň sany görkezilýär.

## 6 BÖLÜM.
## ELEKTRON KATALOGLY KITAPHANALARYŇ IŞI

01-nji setirde internet zaly bar bolan kitaphanalaryň sany görkezilýär.
02-nji setirde internet zalynda orunlaryň sany görkezilýär.
03-nji setirde elektron katalogly kitaphanalaryň sany görkezilýär.
04-nji setirde elektron kataloga salynan maglumatlaryň sany görkezilýär.
05-nji setirde döredilen elektron kitaplaryň nusgalarynyň sany görkezilýär.
01–nji sütünde hasabat ýylynyň ahyryna maglumatlar görkezilýär.

**Durmuş statistikasy müdürligi**